# Köwşümi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Köwşümi KÖWŞÜMI



Eý ýaranlar, aýp etmäñler hiç menden,
Düýpsüz derýa gark eýledi köwşümi.
Hiç peýda tapmadym daýy-ýegenden,
Gara derýa gark eýledi köwşümi.
Köwşüm bardyr köwüşleruñ seresi,
Sermäp ýörkäm elme degdi gyrasy,
Ýalpyldap dur mesisiniñ garasy,
Gara derýa gark eýledi köwşümi.

Köwşüm bardyr köwüşleriñ hanydyr,
Aýagymda demirtiken ganydyr,
Barjak ýerim Magsym işan ýanydyr,
Gara derýa gark eýledi köwşümi.

Köwşüm, saña arzy-halym sözläýin,
Seni gözläp derýalary düzläýin,
Bir pynhan syrym bar ilden gizläýin,
Gara derýa gark eýledi köwşümi.

Köwşüm bardyr on üç, on dört ýaşynda,
Kän käýinip gezdim derýa başynda,
Öten agşam gördüm any düýşümde,
Gara derýa gark eýledi köwşümi.

Atagarry,
takmynan, XIX asyrda ýaşan, terjimehaly näbelli türkmen şahyry. Goşgular